***Şu gün, 28-nji noýabrda Aşgabatdaky Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekanynda «Watanymyzyň ösüş-özgerişleri – döredijiligiň çeşmesi» atly döredijilik duşuşygy hem-de «Halklaryň dostlugy — dünýäniň parahatlygy» atly döredijilik bäsleşiginiň jemini jemlemek dabarasy geçirildi.***

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi «Garagum» žurnalynyň redaksiýasy bilen bilelikde ýaşlaryň arasynda «Halklaryň dostlugy — dünýäniň parahatlygy» atly döredijilik bäsleşigini yglan edipdi. Bu bäsleşige ýaşlar işjeň gatnaşdylar. Çeper döredijilik bilen gyzyklanýan oglan-gyzlaryň şygyrdyr kyssa eserleriniň iň gowulary žurnalyň sahypalarynda ýerleşdirildi.

**Baş baýraga goşgular boýunça** Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň aspirantura bölüminiň baş hünärmeni **Myrat Gurbanow** we **hekaýalar boýunça** Wekilbazar etrabyndaky 7-nji orta mekdebiň mugallymy  Jahan Bäşimgulyýewa mynasyp görüldi.

**1-nji orun:** Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň taryh mugallymy **Myrat Rejepow** hem-de Magtymguly etrabynyň D. Öwlüýägulyýew adyndaky 13-nji orta mekdebiniň mugallymy, ylym we bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşyklarynyň geňeşiniň başlygy **Şöhrat Myradow**.

**2-nji orun:** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby Medet Mededow hem-de Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby Aýgül Nazarlyýewa.

**3-nji orun:** Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby Oguljeren Käbäýewa, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby Enejan Hanowa, Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby Selbi Saryýewa.

Ýeňijilere Hormat hatlary, gymmatbahaly sowgatlar dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены

save pdf date >>> 05.02.2026